3
2021

TURKMENISTAN: NEWS WEEKLY • ТУРКМЕНИСТАН: СОБЫТИЯ НЕДЕЛИ




TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI

# TÜRKMENISTAN: HEPDÄNIŇ WAKALARY

STATE NEWS AGENCY OF TURKMENISTAN • ГОСУДАРСТВЕННОЕ ИНФОРМАЦИОННОЕ АГЕНТСТВО ТУРКМЕНИСТАНА



# Ýeňiş

## tikin fabrigi

**Dürli reňkli, döwrebap biçüwdäki erkek köýnekleri**







**Разноцветные, стильные мужские сорочки**

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**

**+993 522 4-60-28**
**faks 4-60-92**

Скачать в Google Play

**Ýokary hil, amatly baha!**

**www.yenish.com.tm**



# TÜRKMENISTAN: HEPDÄNIŇ WAKALARY

HEPDELIK HABARLAR TOPLUMY

№3 (1394)

11-17-nji ýanwar 2021-nji ýyl

(1994-NJI ÝYLYŇ FEWRAL AÝYNDAN BÄRI TÜRKMEN, IŇLIS WE RUS DILLERINDE ÇAP EDILÝÄR)

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI

*Redaksiýanyň salgysy:* 744000. Aşgabat ş. Bitarap Türkmenistan şaýoly, 24-a

*Redaksiýanyň telefonlary:* (993-12) 92-12-12, 92-16-17, 92-43-05.

*Faks:* (993-12) 92-52-30

*WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:*

Türkmenbaşy ş. 2-25-44
Balkanabat ş. 4-86-13
Türkmenabat ş. 6-79-50
Mary ş. 4-59-13
Daşoguz ş. 5-96-41

## ŞU SANYNDA:

**RESMI BÖLÜM**

*Türkmenistanyň Prezidenti Hytaý Halk Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisini kabul etdi* ........ 2

*Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maslahat geçirdi* ........ 2

*Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisi* ........ 2

*Türkmenistanyň we Owganystanyň Prezidentleri hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açdylar* ........ 4

*Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze gaz gysyjy desganyň açylyş dabarasyna gatnaşdy* ........ 6

**HALKARA HYZMATDAŞLYGY**

*Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen wideoduşuşyklar* ........ 7

*DIM-de brifing geçirildi* ........ 7

**TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY**

*2021-nji ýylyň şygary dabaralandyrylýar* ........ 7

**BILIM**

*Türkmen mekdep okuwçylarynyň halkara ders bäsleşigindäki üstünligi* ........ 8

**BIRŽA TÄZELIKLERI**

**SPORT ÇAPARY**

*Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki sport abraýy barha artýar* ........ 8

*RESMI BÖLÜM*

## Türkmenistanyň Prezidenti Hytaý Halk Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisini kabul etdi

12-nji ýanwarda Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sýan Naýçeni kabul etdi.

Ilçi döwlet Baştutanymyza wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, ynanç hatyny gowşurdy hem-de pursatdan peýdalanyp HHR-nyň Başlygy Si Szinpiniň mähirli salamyny hem-de Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip yglan edilen Täze, 2021-nji ýylda iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Milli Liderimiz mähirli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň ýolbaşçylaryna hem-de halkyna bagtyýarlyk we abadançylyk barada arzuwlaryny beýan etdi hem-de Türkmenistanyň Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri, hususan-da, sebit möçberindäki möhüm taslamalary amala aşyrmakda strategik hyzmatdaş bolan Hytaý bilen däbe öwrülen dostlukly, özara hormatly gatnaşyklary pugtalandyrmaga aýratyn gyzyklanma bildirýändigini belledi.

Duşuşygyň çäklerinde söwda-ykdysady gatnaşyklaryna aýratyn üns berildi. Türkmenistanyň gündogar sebitinde ýerleşen iri Malaý gaz ýatagyndan Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý halkara gaz geçirijisine gymmatly energetika çig malynyň milliardlarça kub metri baryp gowuşýar.

Hytaý Halk Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sýan Naýçen özara gyzyklanma döredýän meseleler boýunça pikir alşylandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowy iki ýurduň hem-de olaryň dostlukly halklarynyň arasyndaky hoşniýetli gatnaşyklary has-da berkitmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

## Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maslahat geçirdi

13-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlarynyň, Ahal we Daşoguz welaýatlarynyň häkimleriniň hem-de ýurdumyzyň bilim ministriniň gatnaşmagynda sanly wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onuň dowamynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek bilen baglanyşykly wezipelere hem-de döwlet durmuşyna degişli möhüm meselelere garaldy.

Welaýatlaryň häkimleri häzirki döwürde welaýatlarda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, ak ekinlere ideg edilişi, şol birwagtyň özünde ýerleri we oba hojalyk tehnikalaryny ýaz ekişine taýýarlamak boýunça ýaýbaňlandyrylan giň möçberi çäreler barada hasabat berdiler. Şeýle hem olar milli Liderimize Oba milli maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada giňişleýin habar berdiler.

2021-nji ýylda Kaka etrabynyň çäginde umumy meýdany 6 gektara barabar bolan ýyladyşhana, Kaka we Babadaýhan etraplarynda ýokary halkara ülňüleri esasynda enjamlaşdyrylýan dokma toplumlary we Aşgabat-Tejen aralygynda ýokary tizlikde awtomobil ýoly hem-de Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň birinji nobatdakysynyň binalar toplumy ulanmaga berler.

Daşoguz welaýatynda alnyp barylýan gurluşyk işleri, medeni-köpçülikleýin çäreleri geçirmäge niýetlenen 3 müň orunlyk "Türkmeniň ak öýi" hem-de 3 müň orunlyk sadaka jaýynyň gurluşygynyň barşy, onda ýerine ýetirilýän işleriň netijeleri, şeýle hem Daşoguz şäherinde 450 orunlyk köpugurly hassahananyň, 150 orunlyk onkologiýa hassahanasynyň we şäheriň Görogly köçesiniň ugrunda 15 sany ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklary barada giňişleýin maglumatlary habar berildi. Bu desgalardaky gurluşyk işleri kesgitlenen tertipnama laýyk derejede dowam edýär.

Soňra sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilýän iş maslahatyna şol birwagtda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary Ahal welaýatyna gözegçilik edýän Ç.Gylyjow we Daşoguz welaýatyna gözegçilik edýän G.Müşşikow çagyryldy. Olar welaýatlaryň etraplaryna guran iş saparlarynyň netijeleri, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk baýramy mynasybetli gurlup ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky işleriň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, welaýatlarda gurulýan desgalaryň bellenilen möhletlerde tamamlanmagy, sebitleriň ykdysady ösüşinde bolşy ýaly, welaýatlaryň ilatynyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna-da oňyn täsirini ýetirer. Şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryna sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy häzirki döwrüň möhüm talaby bolup durýar.

Soňra sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilýän iş maslahatyna Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazow hem-de ýurdumyzyň bilim ministri O.Gurbanow çagyryldy.

Bellenilişi ýaly, gyş günlerinde mekdepleriň we beýleki bilim ojaklarynyň ýyladyş ulgamynyň işine möhüm ähmiýet berilýär. Şol birwagtyň özünde umumybilim berýän mekdepleriň okuw gollanmalarynyň, degişli bilim esbaplarynyň üpjünçilik derejesi yzygiderli gözegçilikde saklanylýar.

Yurdumyzyň bilim ulgamynyň işini kämilleşdirmek, ony hil babatda dünýäniň ösen derejesine çykarmak, şol birwagtyň özünde ýaş alymlaryň ylmy açyşlary üçin zerur şertleri döretmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär. Şunlukda, bu ugra sanly ulgamy ornaşdyrmak, bilimiň derejesini ýokarlandyrmak, hünär taýdan kämilleşdiriş meselelerini işjeňleşdirmek boýunça öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda hemmetaraplaýyn işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryna häzirki zamanyň ösen tejribesini ornaşdyrmakda, sanly ulgamy işjeňleşdirmekde, halk hojalygynyň pudaklary üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamakda ýurdumyzyň bilim edaralaryna möhüm ornuň degişlidigini belledi.

Şeýle hem bilim ulgamyna degişli edaralarda şanly Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk baýramy mynasybetli meýilleşdirilen çäreleriň guramaçylyk derejesine aýratyn ähmiýet berilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen iş maslahatyny tamamlap, oňa gatnaşanlaryň ählisine berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisi

14-nji ýanwarda Lebap welaýatyna iş sapary bilen gelen hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ruhyýet köşgünde Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Onda birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy, döwlet durmuşynyň käbir meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça milli parlamentiň ýerine ýetirýän işleri, şeýle hem ýerlerde deputatlaryň düşündiriş-wagyz ediş işleri barada habar berdi.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk görmek dowam edýär, Saýlaw kodeksinden gelip çykýan hem-de bu möwsümi guramaçylykly geçirmek bilen baglanyşykly birnäçe kadalaşdyryjy-hukuk namalary we düzgünnamalar tassyklanyldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow kanunçykaryjylyk işini mundan beýläk-de döwlet ösüşiniň häzirki tapgyryndaky ileri tutulýan ugurlary hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny pugta göz öňünde tutup alyp barmagyň zerurdygyna milli parlamentiň ýolbaşçysynyň ünsüni çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça türkmen wekiliýetiniň 2021-nji ýylyň 8-9-njy ýanwarynda Owganystan Yslam Respublikasyna bolan iş saparynyň jemleri barada hasabat berdi. Bu saparyň maksady ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşmakdan ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Owganystan bilen netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine, "açyk gapylar" syýasatyna, hoşniýetli goňşuçylyga hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýere, daşary işler ministrine bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça degişli tabşyryklaryň birnäçesini berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän düzümlerindäki işleriň ýagdaýy, ýylyň "Türkmenistan– parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany" diýen şygary bilen baglylykda, durmuş-medeni maksatly desgalaryň açylyşlary mynasybetli ýanwar aýynda meýilleşdirilen medeni çäreler we dabaralar hem-de Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli çäreleriň maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Şeýle hem wise-premýer «Käbir gazetleriň baş redaktorynyň orunbasary wezipesini ýapmak hakyndaky» Kararyň taslamasyny döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ykdysadyýetimiziň pudaklarynda ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini wagyz etmekde, medeniýet we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamynyň eýeleýän aýratyn ornuny nygtady we 2021-nji ýylda geçiriljek ähli medeni çärelere hemmetaraplaýyn taýýarlyk görmek barada wise-premýere anyk görkezmeler berdi.

Döwlet Baştutanymyz hödürlenen resminama gol çekip, ýurdumyzyň žurnalistikasynyň öňünde häzirki zaman tapgyrda durýan wezipeler bilen baglylykda, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini maksadalaýyk kämilleşdirmegiň aýratyn ähmiýetine ünsi çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikow welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň merkezi edaralarynyň gurluşynda hereket edýän işgär birliginiň we zähmet haky gorunyň çäginde 3 wezipe birliginden ybarat "Maglumat howpsuzlygy we sanly tehnologiýalar" atly bölümini döretmek boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Şeýle hem wise-premýer döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna welaýatlaryň we paýtagtymyzyň häkimlikleriniň birnäçesiniň adyny üýtgetmek hem-de baş hukukçynyň wezipesini girizmek baradaky teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bazar gatnaşyklarynyň çalt ösýän şertlerinde dünýä hojalygyndaky häzirki ykdysady ýagdaýlara has uýgunlaşan hojalyk işiniň köp usullarynyň we görnüşleriniň peýda bolýandygyny belledi. Kärhanalaryň üstünlikli işlemegi hem-de olaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagy üçin ähli edaralary dolandyrmagyň guramaçylyk düzümini kämilleşdirmek zerurdyr.

Milli Liderimiz hödürlenen teklipleri, umuman makullap, alnyp barylýan işleriň depginini ýokarlandyrmagy talap etdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Meredow gözegçilik edýän ulgamyndaky işleriň ýagdaýy hem-de nebitgaz toplumynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna «Türkmenistanyň içerki sarp edijileri üçin 2021-nji ýylda nebit önümleriniň möçberlerini tassyklamak hakyndaky» Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz pudaklara serişdeleri tygşytlaýjy döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça işleri işjeňleşdirmegi, energetika ulgamynyň kärhanalarynyň eksport kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen iri düzümleýin taslamalaryň durmuşa geçirilişiniň barşyny berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň içerki sarp edijileri üçin 2021-nji ýylda nebit önümleriniň möçberlerini tassyklamak hakyndaky» Karara gol çekdi hem-de bu resminamanyň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Durdylyýew gözegçilik edýän pudaklarynda işleriň ýagdaýy, hususan-da, elektroenergetika hem-de himiýa senagaty düzümlerini giňeltmek we kämilleşdirmek boýunça geçirilýän işler barada, şeýle hem oba hojalygynyň zerurlyklary üçin gerek bolan himiýa önümleriniň täze görnüşleriniň önümçiligini ýola goýmak boýunça görülýän çäreler barada habar berdi.

Habar berlişi ýaly, Türkmenabatdaky S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynyň düzüminde häzirki zaman täzeçil tehnologiýalary we ýöriteleşdirilen enjamlary peýdalanyp, ýyllyk kuwwatlylygy 20 müň tonnadan az bolmadyk ownuk üwelen kükürdiň önümçiligini ýola goýmak meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda öndürilýän içeri we daşary bazarlarda uly islegden peýdalanylýan himiýa önümleriniň mukdaryny we görnüşlerini yzygiderli artdyrmagyň möhümdigini belledi.

Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere Diýarymyzyň himiýa senagaty kärhanalaryny tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak hem-de baý ýerli serişdeleriň esasynda uly isleg bildirilýän önümleriň täze görnüşlerini çykarmagy ýola goýmak bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde has giňişleýin işlemek barada görkezme berildi.

Mejlisiň barşynda onlaýn ýagdaýynda iri taslamalaryň üçüsiniň durmuşa geçirilmegi – Akina-Andhoý beketleriniň arasynda demir ýol şahasynyň, Kerki – Şibirgan elektrik geçiriji ulgamynyň hem-de optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň we Ymamnazar - Akina hem-de Serhetabat – Turgundy üstaşyr akymlarynyň gurluşygynyň tamamlanmagy mynasybetli teleköpri geçirildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Öwezow «Türkmendeňizderýaýollary» agentliginiň «Derýaýollary» önümçilik birleşiginiň guramaçylyk-hukuk görnüşini üýtgedip, paýdarlar jemgyýetine öwürmäge ygtyýar almak baradaky mesele boýunça hasabat berdi. "Türkmenderýaýollary" paýdarlar jemgyýetini esaslandyryjylar hökmünde paýly gatnaşmakda "Türkmendeňizderýaýollary" agentligi, Türkmenbaşy Halkara deňiz porty hem-de "Deňiz söwda floty" ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti çykyş ederler.

Hormatly Prezidentimiz bu ugurda gaýragoýulmasyz wezipeleriň takyk ýerine ýetirilmeginiň wajypdygyny belläp, wise-premýere göz öňünde tutulan meýilnamalary durmuşa geçirmek üçin ähli tagallalary etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow Lebap welaýatynda söwda we önümçilik desgalarynyň durkuny täzelemek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Lebap welaýat alyjylar jemgyýetleri birleşigi tarapyndan sebitiň etraplarynyň çäginde döwrebap dükanlaryň onusynyň gurluşygynyň meýilleşdirilendigini habar berdi.

Hususan-da, 2021-nji ýylda Türkmenabat şäherindäki Merkezi bazaryň durkuny täzelemek, şeýle hem Çärjew, Dänew, Saýat we Farap etraplarynyň merkezlerinde ýerleşýän iri dükanlaryň durkuny täzelemek meýilleşdirilýär.

Mundan başga-da, Türkmenabat şäheriniň senagat zolagynda ýerleşýän önümçilik binalarynyň durkuny täzelemek hem-de döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrmak, unaş öndürýän we gök-miwe gaplamalaryny öndürýän önümçilikleri döretmek göz öňünde tutulýar.

Milli Liderimiz önümleriň hiliniň we görnüşleriniň ýokarlandyrylmagyny üpjün etmegiň, diňe bir paýtagtymyzda däl, eýsem, ýurdumyzyň welaýatlarynda hem hyzmatlar ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmegiň wajypdygyny aýdyp, wise-premýere anyk görkezmeleri berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazowa söz berildi. Ol Gündogaryň beýik akyldary we şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly baýram etmäge taýýarlyk görmek boýunça geçirilýän işler barada habar berdi.

Bellenilişi ýaly, 2024-nji ýylda geçiriljek türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrynyň şanly senesi mynasybetli XVIII asyryň meşhur akyldar şahyrynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanylan ýörite internet-portalyny döretmek maksat edinilýär.

Şeýle hem häzirki zamanyň sanly tehnologiýalarynyň üsti bilen şahyra degişli ähli maglumatlary özünde jemleýän ilkinji gezek "Magtymguly Pyragy ensiklopediýasyny" döretmek; sanly we neşir görnüşindäki "Magtymguly Pyragy diwanyny" taýýarlamak; türkmen şahyrynyň şygyrlaryny dünýäniň dürli dillerine terjime etmek hem-de olaryň tanyşdyrylyş dabaralaryny, kitap sergilerini, döredijilik duşuşyklaryny geçirmek, ylmy-barlag işlerini taýýarlamak meýilleşdirildi.

Halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda 2024-nji ýylda Aşgabat şäherinde Halkara ylmy maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanan medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek boýunça geçirilýän işleriň örän wajypdygyny nygtady. Bütin dünýä ady dolan Gündogaryň akyldar şahyry, türkmen nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymgulynyň döredijiligi şol medeni mirasyň merjenidir.

Milli Liderimiz öňde boljak çäreleriň ähmiýetini belläp, meýilleşdirilen hemme dabaralary ýokary derejede geçirmek maksady bilen, şanly senäni baýram etmäge taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmegi tabşyrdy.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Köpetdagyň eteginde gurulýan Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi häzirki nesilleriň beýik türkmen şahyrynyň we akyldarynyň baý döredijilik mirasyna uly sarpa goýýandygynyň nobatdaky nyşanyna öwrüler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew ýurdumyzyň welaýatlarynda ýazky ekiş möwsümine görülýän taýýarlyk işleri, şeýle hem bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere oba hojalygyny ösdürmegiň hem-de bu pudakda amala aşyrylýan özgertmeler maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi boýunça anyk tabşyryklary berdi.

Wise-premýere maldarçylyk pudagyny mundan beýläk-de ösdürmek, ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň möçberini artdyrmak we görnüşlerini giňeltmek babatda hem anyk görkezmeler berildi.

Soňra Lebap welaýatynyň häkimi Ş.Amangeldiýewe söz berildi. Ol Gündogar sebitdäki işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Lebap welaýatynyň häkimine möwsümleýin oba hojalyk işlerini guramaçylykly geçirmek, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen desgalarda gurluşyk we timarlaýyş işleriniň hilini berjaý etmek bilen bagly anyk görkezmeleri berdi.

Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde döwlet durmuşynyň başga-da birnäçe meselelerine garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Türkmenistanyň we Owganystanyň Prezidentleri hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açdylar

14-nji ýanwarda Türkmenabatda Akina-Andhoý (Owganystan Yslam Respublikasy) menzilleriniň arasyndaky 30 kilometrlik demir ýolunyň ulanmaga berilmegi, Kerki (Türkmenistan) – Şibirgan (Owganystan) ugry boýunça güýjenmesi 500 kilowolt bolan 153 kilometrlik elektrik geçiriji ulgamyň, şeýle hem ýurtlarymyzyň arasyndaky Ymamnazar-Akina hem-de Serhetabat-Turgundy optiki-süýümli halkara ulgamyň işe girizilmegi mynasybetli dabaralar boldy.

Teleköpri arkaly geçirilen dabaralara Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Muhammad Aşraf Gani gatnaşdylar.

Döwlet Baştutanymyz hemmeleri bu şanly waka bilen gutlap, bu iri möçberli we geljegi uly bolan taslamalary taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça amala aşyrylan giň gerimli we ýokary ussatlyk bilen ýerine ýetirilen işler üçin, türkmen we owgan hünärmenlerine minnetdarlyk bildirdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, bu üç taslama gysga möhletlerde amala aşyryldy. Olar umumy maksada – biziň ýurtlarymyzyň uzakmöhletleýin ösüşine kuwwatly itergi bermäge we bu ösüşi üpjün etmäge niýetlenendir. Türkmen we owgan halklarynyň gülläp ösmegine we abadançylygyna gönükdirilendir. Giň halkara hyzmatdaşlygyna, özara düşünişmäge, syýasy we durmuş taýdan durnukly ösüşe ýardam etmäge niýetlenendir.

Milli Liderimiz owgan doganlarymyzy, sebitdäki we bütin dünýädäki dostlarymyzy we hyzmatdaşlarymyzy bu maksatlara ýetmek üçin Türkmenistanyň ikitaraplaýyn esasda hem, halkara giňişliginde hem Owganystana hemmetaraplaýyn ykdysady we syýasy-diplomatik goldawy mundan beýläk-de berjekdigine ynandyrdy.

Milli Liderimiz OÝR-niň Prezidenti Muhammad Aşraf Ganä bu taslamalary goldandygy, olary amala aşyrmaga goşan uly şahsy goşandy üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz dabara gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki döwürde energetika we serhetüsti ulag-kommunikasiýa üpjünçilik ulgamlarynyň bir wagtda gurulmagy biziň döwletlerimiziň ykdysady taýdan çalt depginler bilen ösmeginiň netijeli şerti bolup durýar diýip belledi. Bu adamlaryň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagynyň, goşmaça iş orunlaryny döretmegiň, iri möçberli daşarky maýa goýumlaryny çekmegiň örän möhüm esasy bolup hyzmat edýär.

Döwlet Baştutanymyz uly ýoluň – täze başlangyçlaryň başynda durýandygymyza ynam bildirdi. Şu taslamalardan soňra, ähmiýeti boýunça olardan birjik-de kem bolmadyk we örän giň möçberli, iki doganlyk ýurt we halk, beýleki döwletler üçin ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolan ýene-de köp sanly täze taslamalar amala aşyrylar diýip, milli Liderimiz belledi.

Öz gezeginde Prezident Muhammad Aşraf Gani Akina-Andhoý demir ýolunyň we beýleki düzüm taslamalarynyň açylmagy iki ýurduň arasynda şol gatnaşyklary has-da giňeltmegiň ýolunda ähmiýetli ädimler bolup durýar hem-de sebitdäki gatnaşyklaryň we goşulyşmagyň möhüm bölegini düzýär diýip belledi.

Bularyň hemmesi owgan halkynyň durmuş şertlerini hem-de sebitiň ýurtlarynyň ýagdaýyny gowulandyrar diýip, Prezident Muhammad Aşraf Gani şol taslamalaryň ösüş geçelgelerini we durmuş abadançylygyny döredip, Owganystana batly depginler bilen ösmäge mümkinçilik berjekdigini belledi.

Owganystanyň Prezidenti türkmen Liderine, biziň döwletimize iri maksatnamalaryň we taslamalaryň, olary maliýeleşdirmegiň we amala aşyrmagyň çäklerinde mäkäm gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygy üçin Owganystanyň Hökümetiniň we halkynyň adyndan çäksiz hoşallygyny beýan etdi.

Soňra “Türkmendemirýollary” agentliginiň başlygy hem-de Owganystanyň demir ýol ugurlary müdirliginiň ýolbaşçysy Akina-Andhoý demir ýolunyň işe girizilmegine taýýarlyk barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, bu polat ýoly Owganystanyň we Türkmenistanyň arasyndaky söwdany işjeňleşdirmäge mümkinçilik berer. Owganystanyň demir ýol müdirliginiň geçiren seljermesine laýyklykda, daşalýan ýükleriň möçberi birinji ýylda 20 göterim hem-de bu demir ýoly ulanmagyň ikinji ýylynda 50 göterim artar. Munuň özi ýük daşamalarynyň tizliginiň artmagyna getirer, iş orunlary peýda bolar.

Bulardan başga-da, Türkmenistan we Owganystan ýene-de bir ulag taslamasyny amala aşyrmaga – Turgundy-Hyrat demir ýolunyň gurluşygyna girişdiler. Onuň uzynlygy 173 kilometre deň bolar. Demir ýoluň ugrunda menzilleriň 4-sini, kommunikasiýa we duýduryş ulgamlaryny, perrony gurmak meýilleşdirilýär.

Akina-Andhoý we Turgundy-Hyrat demir ýollaryna täze logistika ugurlaryň goşulmagy bilen Hazardan Hindi ummanyna çenli uzalyp gidýän halkara ulag geçelgesiniň möhüm halkalary hökmünde olaryň ähmiýeti hem artar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ak pata bermegi bilen Akina menzilinden Andhoý şäherine “Türkmendemirýollary” agentligi tarapyndan taýýarlanan ilkinji demir ýol düzümi dowamly zogyny çalmak bilen ýola düşýär. Kerwen ýük wagonlarynyň hem-de Türkmenistanyň eksport önümleri guýlan çelekleriň 20-sini öz içine alýar, olaryň 10-sy dizel ýangyjyny, 7-si bolsa, mineral dökünlerini we ösümlik önümlerini bellenilen nokada elterler.

Soňra teleköpri arkaly Türkmenistanyň Energetika ministri hem-de OÝR-nyň Suw we energetika meselelerini utgaşdyrýan müdirligiň baş direktory çykyş etdiler. Olar döwlet Baştutanlaryna Kerki-Şibirgan ugry boýunça elektrik geçirijisini işe girizmäge taýýarlyk hakynda hasabat berdiler.

Kuwwaty 500 kilowatt bolan elektrik geçiriji ulgamyň işe girizilmegi bilen elektrik energiýasyny ulanýan alamlaryň sany ýurt boýunça 9 milliona çenli artar. Bu bolsa, Owganystany ygtybarly elektrik togy bilen üpjün etmekde möhüm ädim bolup durýar.

“Kerki” podstansiýasy öňdebaryjy enjamlar we innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilip, bu ýerde işgärleriň zähmet çekmegi üçin ähli şertler döredildi. Bu desgalaryň gurulmagy Lebap welaýatynyň energoüpjünçiligini gowulandyrmak hem-de elektrik energiýasyny eksport etmek üçin tehniki mümkinçilikleri döretdi.

Öz nobatynda, owgan tarapy öz çäginde türkmen elektrik energiýasyny kabul etmek üçin zerur bolan desgalary gurdy. Birinji tapgyrda ol Andhoý, Şibirgan we Mazari-Şarif şäherlerine iberiler. Ikinji tapgyrda – 2022-nji ýylyň başyna – Puli-Humri we Kabul şäherlerine iberiler.

Teleköprini “Türkmenaragatnaşyk” agentliginiň başlygy hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň aragatnaşyk we maglumat tehnologiýalary ministri dowam edip, olar Ymamnazar-Akina hem-de Serhetabat-Turgundy (Owganystan) halkara üstaşyr akymlaryny üpjün etmek üçin optiki-süýümli ulgamlaryň işe girizmäge taýýar edilendigi barada hasabat berdiler.

Owganystanyň optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamy goňşy ýurtlaryň bäşisi, şol sanda Türkmenistan bilen birleşendir. Ulanmaga berilýän täze ulgam sanly Owganystan ulgamyny döretmekde nobatdaky ädim bolup durýar.

“Türkmenaragatnaşyk” agentliginiň hem-de Owganystanyň aragatnaşyk we maglumat tehnologiýalary ministrliginiň, şeýle hem “Afghan Wireless” kommunikasiýa kompaniýasynyň arasynda baglaşylan Ähtnama we şertnama laýyklykda optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamyny gurnamagyň barşynda zerur bolan kommunikasiýa enjamlary oturdyldy.

Şeýlelikde, Mary-Serhetabat aralykda 40 Gbit/sek trafikli DWDM enjamy oturdyldy. Serhetabatdan Turgunda çenli optiki süýümli kabeliň 8 kilometri çekildi hem-de 100 Gbit/sek trafikli enjam oturdyldy.

Ymamnazardan Akina çenli ortika-süýümli aragatnaşygyň 3 kilometri çekildi, Kerki-Akina böleginde bolsa, 100 Gbit/sek trafikli kommunikasiýa enjamy gurnaldy.

Bu taslamalar DWDM (Dense Wavelength Division Multiplexing-tolkunlaryň uzynlygy boýunça dykyz bölünme) tehnologiýasynyň – halkara üstaşyr we ýerli akymlary geçirmek üçin köp ýaýlymly optiki ulgamlaryň binýadynda amala aşyryldy.

Täze halkara optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň işe girizilmegi bilen ýurdumyzyň çäginden geçýän üstaşyr ulgam trafigini artdyrmaga, onuň Owganystana we Pakistana iberilmegini üpjün etmäge mümkinçilik peýda bolar. Bu şeýle hem maglumatlary ibermegiň tizligini artdyrmaga hem-de Türkmenistanyň we OÝR-nyň arasyndaky ygtybarly kommunikasiýa aragatnaşygy kepillendirmäge mümkinçilik berer. Mundan başga-da,

täze ulgamlar Ýewropa, Aziýa we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky maglumat akymynyň tizligini 100 Gbit/sek çenli, geljekde bolsa 6 Tbit/sek çenli artdyrmaga ýardam eder.

Halkara optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlary Ýewropanyň we Aziýanyň arasynda esasy maglumatlar "köprüsiniň" wezipesini ýerine ýetirer, geljekde bolsa, bu trafigiň esasy bölegini öz üstüne alar.

Teleköpri tamamlanandan soň, Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Muhammad Aşraf Gani mähirli, dostlarça hoşlaşyp, goňşy halklaryna parahatçylyk, abadançylyk we rowaçlyk arzuw etdiler. Şunda netijeli hyzmatdaşlygyň dowam etjekdigine berk ynam bildirdiler. Häzir şol hyzmatdaşlygyň öňünde täze sepgitler açylyp, ol üstünlikli ösdüriler.

Dabaraly çäräniň barşynda Gündiz Akina menzilinde Akina-Andhoý demir ýolunyň gurluşygynda tapawutlanan işgärleri Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak dabarasy boldy. Türkmenabatda bolsa, Türkmenistandan Owganystana optiki-süýümli ulgamy çekmekde işde gazanan ýokary görkezijileri üçin kommunikasiýa pudagynyň hünärmenlerine döwlet Baştutanymyzyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.

## Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze gaz gysyjy desganyň açylyş dabarasyna gatnaşdy

15-nji ýanwarda Lebap welaýatyna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Çärjew etrabynyň "Malaý" gaz känindäki täze gaz gysyjy desganyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýygnananlary hem-de tutuş türkmen halkyny täze, 2021-nji – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ilkinji günlerinde şu günki taryhy ähmiýetli waka – «Malaý» käninde gurlan döwrebap gaz gysyjy desganyň açylyp, ulanmaga berilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolmagy we daşary ýurt maýadarlary üçin hyzmatdaşlyga amatly şertleriň döredilmegi ýurdumyzyň dünýäde iri energetika döwlet hökmünde ykrar edilmegine getirdi.

Biziň syýasatymyz ýurdumyzyň uly baýlygy bolan uglewodorod serişdelerini dünýäde parahatçylygy berkitmegiň, abadan ýaşaýşyň we gülläp ösüşiň bähbidine ulanmakdyr. Öňde goýlan bu belent maksatlara ýetmek ugrunda gysga wagtyň içinde möhüm ähmiýetli taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirildi diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Garagum sährasynyň Lebap welaýatyna degişli çäginde ýerleşýän «Malaý» ýatagyndan indi köp ýyllardan, ýagny 1986-njy ýyldan bäri tebigy gaz çykarylyp gelinýär. Bu toplum ýurdumyzyň diňe bir gündogar welaýatynyň ilatly ýerlerini, şeýle hem dürli maksatly desgalary «mawy ýangyç» bilen üpjün etmän, eýsem, asyrymyzyň iri taslamasy bolan Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý transmilli gaz geçirijisine hem harytlyk önüm berýär. Bu halkara energiýa magistraly bilen «Malaý» känini uzynlygy 188 kilometr bolan «Malaý – Bagtyýarlyk» gaz geçirijisi birleşdirýär.

Bu ýerde guýularyň önüm berijiligini artdyrmakda, käniň tebigy gaz goruny has doly peýdalanmakda işe girizilýän täze desganyň ähmiýeti örän uludyr. Täze gurlan desganyň «A» we «B» önümçilik sehleri bolup, «A» sehiniň wezipesi «Malaý» gaz känini doly özleşdirmekden ybaratdyr. «B» sehi bolsa, «Galkynyş» we «Döwletabat» känleriniň gazyny «Malaý – Bagtyýarlyk» gaz geçirijisine ýokary basyş bilen akdyrmaga niýetlenendir.

Bu täze desgada dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary tarapyndan öndürilen 6 sany kuwwatly gaz gysyjy enjamlar toplumy oturdyldy. Şol enjamlar kämil awtomatlaryň we kompýuterleriň üsti bilen dolandyrylýar.

Ýylda üstünden 30 milliard kub metre çenli tebigy gazy geçirmäge ukyply bolan desgada ygtybarly enjamlar hem-de öňdebaryjy tehnologik çözgütler ornaşdyryldy.

Umumy meýdany 12 gektara golaý bolan täze beketde gaz gysyjy enjamlar toplumyndan başga-da, sowadyjy we arassalaýjy desgalar, ýokary hem-de pes basyşly fakel hojalygy, azot we kislorod öndürýän stansiýa, ätiýaçdaky dizel elektrik stansiýasy ýerleşýär. Şonuň ýaly-da, bu ýerde merkezi dolandyryş operator hem-de mehaniki bejeriş we ýangyn howpsuzlyk binalary, edara binasy, ýangyna garşy suw howuzlary göz öňünde tutuldy. Döwrebap desganyň işe girizilmegi bilen 60-a golaý täze iş orny dörär.

Biz eziz Diýarymyzda şular ýaly iri desgalaryň gurluşygynda ekologiýa talaplaryna, döwrebap innowasiýalara, ösen tehnologiýalara möhüm ähmiýet berýäris. Hut şunuň netijesinde hem, daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde gurýan iri senagat, nebitgaz we himiýa önümçiliklerimiz abraýly halkara guramalarynyň ýokary hil derejesine, innowasion çözgütlerine hem-de ekologiýa talaplaryna doly laýyk gelýändigi baradaky güwänamalaryna mynasyp bolýar. Munuň özi, elbetde, buýsandyryjy ýagdaýdyr diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Soňra "CNPC International Turkmenistan" kompaniýasynyň baş direktory jenap Li Şulýana söz berildi. Ol Hytaýyň milli nebit-gaz korporasiýasynyň işgärleriniň adyndan ýygnananlary "Malaý" gaz käninde täze gaz gysyjy desganyň üstünlikli ulanmaga berilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýakyndan goldaw bermegi bilen amala aşyrylan bu iri taslama şol gaz käniniň ikinji tapgyryna täze mümkinçilikleri açýar. Munuň özi bolsa gaz pudagynyň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmaga we degişlilikde, Türkmenistanyň dünýäniň nebitgaz bazarynda eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga ýardam eder.

Türkmenistanyň iň ygtybarly we uzak möhletli hyzmatdaşy hökmünde Hytaýyň milli nebitgaz korporasiýasy (CNPC) mundan beýläk-de tehnologik alyşmalary pugtalandyrmaga hem-de iki ýurduň halklarynyň bähbidine nebitgaz pudagynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardyr diýip, jenap Li Şulýan aýtdy.

Ine-de, esasy pursat ýetip gelýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýere ýygnananlaryň el çarpyşmagynda sensor panelindäki ýörite "goýberiş düwmesine" basyp, gaz gysyjy bekedi ulanyşa girizýär.

Zalda oturdylan uly monitorda şol pursatda görkezilip duran tehnologiki gurluşda bu ýerden ugradylan harytlyk gazyň magistral gaz geçiriji ulgama baryp gowşandygyny aňladýan görkezijiniň ýşygy işläp başlaýar.

Bu taslama "Türkmengaz" döwlet konserni tarapyndan daşary ýurtly hyzmatdaşlar –"Petro Gas LLP" (Beýik Britaniýa) bilen bilelikde amala aşyryldy. Gaz gysyjy enjamlar dünýäde meşhur "Dresser-Rand S.A." kompaniýasy (Fransiýa) tarapyndan getirildi.

Gije-gündiziň dowamynda 45 million kub metr gazy akdyrmaga niýetlenen enjamlaryň her biriniň kuwwaty 32 MWt barabardyr. Açylyş dabarasynyň barşynda milli

Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, Gaz gysyjy desganyň gurluşygyna türkmen hünärmenleriniň gatnaşdylar. Olar ähli gurluşyk-gurnama işleriniň 80 göterimden gowragyny ýerine ýetirdiler.

Döwlet Baştutanymyz toplumyň işgärlerine işlerinde üstünlikleri arzuw edip, olara täze awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy.

Dabara tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýere ýygnananlar bilen mähirli hoşlaşyp, dikuçara mündi. Dikuçar Türkmenabat şäheriniň howa menziline tarap ugur aldy. Şol ýerden milli Liderimiz Aşgabada ugrady.

### *PERMANLARYŇ WE KARARLARYŇ BEÝANY*

- Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň içerki sarp edijileri üçin 2021-nji ýylda nebit önümleriniň möçberleri, şol sanda awtobenzin, dizel ýangyjy we awiakerosin boýunça möçberi tassyklanyldy.
- Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, degişli gazetleriň baş redaktorlarynyň orunbasary wezipesi, olaryň bellenen işgär sanyny üýtgetmezden ýapyldy.

### *HALKARA HYZMATDAŞLYGY*

## Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen wideoduşuşyklar

Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň (ÝTÖB) wekilleri bilen geçirilen wideoduşuşygyň gün tertibine ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek we onuň geljegi bilen baglanyşykly meseleler girizildi. Duşuşyga Maliýe we ykdysadyýet ministrlgiiniň, “Halkbank” paýdarlar täjirçilik bankynyň ýolbaşçylary hem-de hünärmenleri, ÝTÖB-niň Türkmenistandaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy gatnaşdylar.

Duşuşyga gatnaşyjylar geljekki gatnaşyklaryň çäklerinde göz öňünde tutulan meýilnamalary ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda, ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizde amala aşyrylýan özgertmeler bilen baglylykda, gatnaşyklary ösdürmegiň geljegi barada pikir alyşdylar.

Daşary ýurt maýalaryny hem-de Diýarymyzyň telekeçilik ulgamynyň serişdelerini çekmek üçin ýurdumyzda döredilen amatly ýagdaýyň esasynda maýa goýum işini işjeňleşdirmek bu özgertmeleriň esasy ugurlarynyň biridir.

Şeýle hem türkmen ykdysadyýetiniň hususy ulgamyny ösdürmekde “Halkbank” paýdarlar täjirçilik bankynyň möhüm orun eýeleýändigi bellenildi. Duşuşyga gatnaşyjylaryň meýilanamalary häzirki zaman işewürlik ugurlaryny hem-de bank ulgamynda dolandyryş işini goldamak boýunça çäreleri geçirmegi göz öňünde tutýar.

## DIM-de brifing geçirildi

Paýtagtymyzda guralan brifing möhüm düzümleýin desgalaryň üçüsiniň–Kerki (Türkmenistan) – Şibergan (Owganystan) ugry boýunça elektrik geçirijisiniň,“Akina-Andhoý” beketleriniň aralygynda 30 kilometrlik demir ýolunyň, şeýle hemiki ugur -Ymamnazar (Türkmenistan) – Akina (Owganystan) we Serhetabat (Türkmenistan) – Turgundy (Owganystan) ugurlary boýunça halkara optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň we üstaşyr geçelgeleriniň işe girizilmegine bagyşlandy.

Çärä ministrlikleriň ýolbaşçylary, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň hem-de halkara guramalaryň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, milli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem-de Türkmenistanda işleýän daşary ýurtly žurnalistler gatnaşdylar.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçileri hem-de 15 ýurtdan žurnalistleriň 30-dan gowragy sanly wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly bu çärä goşuldylar.

Brifingiň dowamynda bu taslamalaryň hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başyny başlan, Owganystany sebit we halkara ykdysady işlere yzygiderli gatnaşdyrmaga, bu ýurduň yklymyň ulag-logistika aragatnaşyklar ulgamyna goşulyşmagyna gönükdirilen nobatdaky anyk ädimlerdigine aýratyn üns berildi.

Şeýle hem geoykdysady we geosyýasy ähmiýetliligi bilen sebit çäklerinden çykmak bilen, Türkmenistanda hem-de Owganystanda düzümleýin desgalaryň gurulmagy iki ýurduň çäklerinde Merkezi hem-de Günorta Aziýany Ýewropa we Ýakyn Gündogar bilen birikdirýän ulag-kommunikasiýa aragatnaşygynyň hem-de yklym derejesinde energiýa üpjünçiliginiň täze zolagynyň kemala gelýändigini aňladýandygy nygtaldy.

Bu bolsa, öz gezeginde, Durnukly ösüş babatda ulag we energetika ulgamlarynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara başlangyçlarynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändigini aňladýar, ýurdumyz şol başlangyçlar bilen BMG-de çykyş edýär.

Brifingde ýurdumyzyň Owganystana syýasy-diplomatik we ykdysady kömegi bermäge gönükdirilen ýörelgesiniň üýtgewsizdigi ýene bir gezek tassyklanyldy, munuň özi Türkmenistanyň bu döwlet bilen hyzmatdaşlygynyň uzakmöhletleýin bir bitewi strategiýasyny düzýär.

Şeýle-de brifingde Owganystan Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň geňeşçisi Ahmad Tarik Nurzade, BMG-niň Baş sekretarynyň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň ýolbaşçysy Natalýa German, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Aşgabatdaky merkeziniň ýolbaşçysy Natalýa Drozd, Aziýanyň ösüş bankynyň Türkmenistandaky Hemişelik wekilhanasynyň direktory Çang Çing Ýu we beýlekiler çykyş etdiler.

Çärä gatnaşyjylaryň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren bu başlangyçlarynyň durmuşa geçirilmeginiň elektrik energiýasynyň eksport möçberleriniň artmagyna we çäkleriniň giňeldilmegine, tutuş sebitiň ulag-üstaşyr mümkinçilikleriniň ösdürilmegine ýardam berýändigini bellediler.

Brifingiň jemleýji böleginde daşary ýurt habar beriş serişdeleriniň, hususan-da «News Central Asia» (Pakistan), «TRT» (Türkiýe) we «Agence France Press» (Fransiýa) agentlikleriniň wekilleriniň, sowallaryna jogap berildi.

### *TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY*

## 2021-nji ýylyň şygary dabaralandyrylýar

Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde 2021-nji ýylyň “Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” şygarynyň hormatyna dabaraly çäre geçirildi.

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş drama teatrynyň we A.S.Puşkin adyndaky

döwlet rus drama teatrynyň artistleriniň bilelikdäki edebi-sazly çykyşy bu dabaranyň özboluşly başlangyjyna öwrüldi. Türkmen halkynyň milli Liderimize bolan çuňňur söýgüsiniň we beýik hormatynyň aýdyň beýany bolup ýaňlandy.

Mukamlar köşgünde geçirilen dabara hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, medeniýet ulgamynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, medeniýet we sungat işgärleri gatnaşdylar.

Dabarada 2021-nji ýylyň şygarynda döwletimiziň häzirki zaman ösüşiniň möhüm ugurlary, Diýarymyzyň oňyn ösüşe we ählumumy parahatçylyga gyzyklanmalarynyň, milli taryhy-medeni gymmatlyklara ygrarlylygynyň öz beýanyny tapýandygy nygtaldy.

Şeýle hem dabarada çykyş edenler şu ýylyň şygarynyň milli Liderimiziň öňe sürýän halkara ähmiýetli başlangyçlary bilen utgaşýandygyny nygtadylar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň bu gurama agza döwletleriň 73-siniň awtordaşlyk etmeginde ýurdumyzyň başlangyjy boýunça 2021-nji ýyly Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýip yglan etmek hakyndaky çözgüdi biragyzdan kabul etmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

2021-nji ýylyň şygarynyň türkmen halkynyň milli ýörelgelerine hem-de onuň taryhy we medeni dessurlaryna gabat gelýändigi bellenildi. Çykyşlarda bu şygar häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň oňyn içeri we daşary syýasatynyň, parahatçylyk döredijі döwletimiziň okgunly ösüşiniň esasyny düzýändigi, onuň ynsanperwerlik ýörelgeleri bilen berk baglanyşyklydygy nygtaldy.

Çärä gatnaşyjylar mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk baýramynyň bellenilýän bu ýylyň döwletimiziň, jemgyýetimiziň durmuşynyň ähli ugurlarynyň täze giň möçberli üstünliklere beslenjekdigini nygtadylar.

***BILIM***

## Türkmen mekdep okuwçylarynyň halkara ders bäsleşigindäki üstünligi

Gazagystan Respublikasynda matematika, fizika we informatika dersleri boýunça Halkara ders bäsleşiginde dünýäniň 21 ýurdundan, şol sanda Russiýa Federasiýasyndan, Awstriýadan, Daniýadan, Rumyniýadan, Serbiýadan, Hindistandan, Indoneziýadan, Eýrandan, Mongoliýadan, Belarusdan, Ukrainadan, Ermenistandan, Gruziýadan, Özbegistandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Täjigistandan zehinli okuwçylaryň müňden gowragy gatnaşdylar. Biziň ýurdumyzyň toparyna halkara derejesinde ukyplaryny mynasyp görkezen bäsdeşleriň 10-sy wekilçilik etdi.

Zehinlileriň informatika boýunça bäsleşiginde paýtagtymyzyň ýöriteleşdirilen 86-njy orta mekdebiniň okuwçysy Süleýman Ataýew kümüş medal gazandy. Aşgabatdan hem-de Diýarymyzyň welaýatlaryndan ýokary synp okuwçylarynyň ýedisi üçünji orna we bürünç medallara eýe boldular. Şolardan üçüsi matematika boýunça, üçüsi fizika boýunça we biri informatika boýunça gazanyldy.

Şunuň ýaly aň-paýhas ýaryşlarynda ýaşlarymyzyň her bir üstünligi olaryň deň-duşlaryny okuwlarynda döredijilik we ylmy mümkinçiliklerini açyp görkezmäge, ýeňşe bolan erki terbiýelemäge ruhlandyrýar.

***BIRŽA TÄZELIKLERI***

Geçen hepdede Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasyndaky söwdalarda geleşikleriň 158-si baglaşyldy. Şweýsariýadan, Beýik Britaniýadan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Türkiýeden, Maltadan, Owganystandan we beýleki ýurtlardan gelen telekeçiler daşary ýurt puluna Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilen uçar kerosinini, awtomobil benzinini, gidro usul bilen arassalanan dizel ýangyjyny, ýakylýan mazudy, nebit bitumyny satyn aldylar. Şeýle hem BAE-den, Özbegistandan, we Owganystandan gelen işewürler "Türkmengaz" döwlet konserninde öndürilen ECO-93 awtomobil benzinini, Gazagystanyň işewür toparlarynyň wekilleri bolsa, "Türkmenhimiýa" döwlet konserninde öndürilen karbamid satyn aldylar.

Bulardan başga-da, daşary ýurt puluna BAE, Türkiýe, Serbiýa, Azerbaýjan, Özbegistan we Owganystan döwletleriniň işewür wekillerine reňksiz aýna, nah ýüplük, buýan köküniň gury toşaby satyldy. Geleşikleriň bahasy ABŞ-nyň 116 million dollaryndan gowrak boldy.

Şotlandiýanyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Gazagystanyň işewürleri jemi 15 million manatlyga golaý nah ýüplügi satyn aldylar.

Ýurdumyzyň işewürleri içerki bazar üçin bahasy 320 million manatlyga golaý bolan "Türkmengaz" döwlet konserninde öndürilen ýokary dykyzlykdaky polietileni we polipropileni, şeýle hem el halylaryny satyn aldylar.

***SPORT ÇAPARY***

## Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki sport abraýy barha artýar

Türkmen türgenleriniň iri halkara ýaryşlaryna gatnaşmagy ýurdumyzyň sportunyň dünýä ýüzünde gazanýan üstünlikleriniň hem-de hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan sport syýasatynyň aýdyň ykrarnamasydyr. Şol ýaryşlarda ildeşlerimiz dürli derejedäki sylaglara, şol sanda altyn medallara mynasyp bolýarlar.

Agyr atletikaçy türgenimiz Ýulduz Jumabaýewanyň 2018-nji ýylyň noýabr aýynda paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen agyr atletika boýunça dünýä çempionatynda gazanan görkezijileri-de munuň aýdyň subutnamalarynyň biridir.

Ozal netijeleri jemlenende nätakyklyga ýol berlen ýaryşlaryň jemleri boýunça türgen gyzymyz itekläp götermekde kümüş medalyň we silterläp götermekde bürünç medalyň eýesi bolupdy. Şonda şaýatlara mälim bolşy ýaly, Ýulduz altyn medala tarap ynamly gadam urupdy. Şonuň üçin eminleriň çözgüdi türgen gyzymyzy we janköýerleri örän gynandyrdy. Emma adalatlylyk diýseň-diýmeseň dabaralandy.

Ýaňy-ýakynda bolsa 2018-nji ýylyň dünýä çempionatynyň netijelerine gaýtadan seretmegiň hem-de dopinge garşy toparyň talaplaryna laýyklykda, medallary gaýtadan paýlamagyň esasynda türgen gyzymyza altyn medalyň gowşurylýandygy barada hoş habar gelip gowuşdy. Mundan başga-da, türgenimiz itekläp götermekde 104 kilogram agram bilen, jemi 179 kilogram agram bilen ýaşlaryň arasynda dünýä rekordyny täzeledi.

Halkara agyr atletika federasiýasynyň ýolbaşçysynyň Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Milli Olimpiýa Komitetiniň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa iberen hatynda bellenilişi ýaly, türkmen türgeniniň mynasyp bolan sylagy oňa şu ýyl geçiriljek agyr atletika boýunça halkara ýaryşyň barşynda gowşurylar. Şeýle hem bu hatda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzda sportuň agyr atletika görnüşini hem-de, umuman, sporty ösdürmäge, Olimpiýa hereketini wagyz etmäge goşýan goşandy barada aýdylýar.






2021
TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY